# Perzendi men

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Perzendi men PERZENDI MEN

Bu barlykda ýaşamaga ýeterlik,
Öz günüm,öz aýym,asmanym maña.
Hüwdülenip gujagynda gijeleñ,
Bagt atyp duran ak dañym maña.

Diýselerem çarkandakly bu ýollar,
Özge ýodalarda men taýjak ýaly.
Bu toprakdan aýak üzäýsem eger,
Ýüregmiñ urgusy togtaýjak ýaly.

Özge ýurda çagyrmañ siz gol bulap,
Mundan geçip baryp bilmen barybir,
Ajy bolsun,süýji bolsun kaýyl men,
Şu toprakda näme berse Biribar.

Goý bolaýyn bu toprakda saýyl men,
Janymyñ parçasy onuñ bar zady.
Sebäbi men diñe şu Watan üçin,
Şehit bolan pederleriñ perzendi.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular